# Gabanmak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gabanmak GABANMAK



Gabananok diýip kine saklama,
Ýüregiňe emsiz dowul salma ýar…
«Söýmeýänler gabananok» diýlen gep
Seniň üçin niýetlenen diýmäň bar…
Neçün beýle öýkelek sen öýkelim,
Kemiň näme ykbalyňdan nalaýaň?
Käbir zenanlar deý, yzyňa düşüp,
Telefonuň barlap, derňäp jaňlaryň,
Sepinen atyryň ysyny belläp,
Geýimiňi ysgaryma garaşýaň.
Işden geleniňde her gün, her agşam,
Gözleýip egniňden zenan saçlaryn,
Ýerliksiz gohlardan, öýke-kineden,
Was-was bolan däli köňlüň toruna,

Ynamsyzlyk bilen gara sürtmeden,
Boýalan kirpikleň, çalnan sürmeleň,
Gyrmyzy ýaňaklaň, bägül dodaklaň
Göz ýaş bilen ýuwularna garaşyp,
Isläp ýören bolsaň idelmegiňi,
Bagyşla ezizim şu çaka çenli
Tanaman ekeniň meniň kimligmi.
Gabanamok diýsem söýenok diýip,
Erbet gylyklara aldyrma erkiň.
Söýüber yşk deňzin gulaçlap ýüzüp
Gunçalaň şanyna ýazyber şygyr,
Gaşym çytyp eger-eger igenmen.
Seýil et dünýäniň dürli künjüne,
Hyrydar gözlerden ornuňy tapsaň
Oňada düşünýän, gysganyp ýörmen.
Ýöne öýkelegim ýatdan çykarma
Ak saçly perişdä göwün ýüwürtseň,
Meýil etseň duşuşmagy oň bilen ,
Sen şonda görersiň gabanmaz gelniň,
Öňürti şol bilen duşuşmak üçin
Ähli hupbatlara bagryn gerjegin.
Gabanmazdan, gysganmazdan ömrüni,
Söýginiň iň ajap aýdymy bolup,
Bagtly pursatlary goýup ýadygär,
Gelniň melekleriň ýanyna barýar…
Bagtygül TEKÄÝEWA. Goşgular